# Bölünmek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bölünmek BÖLÜNMEK

Şatlygy däl, derdem deň bölüşerdik,
Aglasaň-da saňa aglaşardym men.
Görmek üçin gözleňdäki şatlygy,
Dag aşardym men.

Ýaşalan günlerem deň ikä böldük,
Seniň bilen geçen günler başgady.
Bir-birege deň paýlaşan, meňzeşje
Arzuwmyzam, wah, amala aşmady.

Ömrümizi deň paýlaşyp bilmedik,
Ara düşen ýyllaň ötmesi bilen.
Ahyr bagtymyzy bölüşdik ikä,
Bagtly ýaşaýarys özgesi bilen…

Goçmyrat ORAZBERDIÝEW. Goşgular